# DARYA SCAFFOLD Bäsleşigi

# Hemişelik durmuş başarnyklary

2025-nji ýylyň fewraly - 2025-nji ýylyň marty

# Mazmuny

DARYA SCAFFOLD bäsleşigi hakynda ........................................ 3
Baýraklaryň kategoriýalary ........................................ 5
Baýraklar her kategoriýada diňe talabalaýyk hildäki arzalaryň ýeterlik sany bolan ýagdaýynda gowşurylar. ........................................ 5
Saýlama ölçegleri ........................................ 5
SCAFFOLD boýunça kömek almak........................................ 6
Bäsleşigiň düzgünleri ........................................ 6
Etiki düşünjeler ........................................ 7
**1-nji goşundy - Ýygy-ýygydan soralýan soraglar ........................................ 8**


ETF Working together Learning for life
European Training Foundation

# DARYA SCAFFOLD bäsleşigi hakynda

Täzelikçi mugallym hökmünde öz ukyplaryňyzy görkeziň! Merkezi Aziýada we Ýewropada ykrar ediliň!

DARYA SCAFFOLD bäsleşigi – Hemişelik durmuş başarnyklary - Merkezi Aziýadaky mugallymlary sapaklaryny (resmi, resmi däl, özbaşdak okuw) taýýarlamakda SCAFFOLD-y nädip ulanmalydygyny öwrenmäge ruhlandyrmagy maksat edinýär.

Iň oňat işler öňdebaryjy tejribe ýygyndysynda toplanyp, Merkezi Aziýanyň bilim bileleşiginde we milli bilim dolandyryş edaralarynyň arasynda ýaýradylar.

Şu bäsleşik 2025-nji ýylyň fewralyndan 2025-nji ýylyň marty aralygynda geçiriler we onuň netijeleri 2025-nji ýylyň aprelinde yglan ediler.

## SCAFFOLD näme?

SCAFFOLD – Ýewropa bilim gaznasy (ÝBG) we Ýewropa Komissiýasynyň bilelikdäki gözleg merkezi (BGM) tarapyndan bilelikde işlenip düzülen guraldyr. Bu gural 102 kartoçkadan ybarat toplum bolup, mugallymlara okuw işini işläp taýýarlamakda kömek etmek we meýilleşdirmekden baha bermeklige çenli ädimme-ädim ýol görkezmek üçin döredilendir.

SCAFFOLD-yň maksady, Ýewropa başarnyklarynyň çäklerini mugallymlar we has giň manyda aýdanymyzda, pedagoglar tarapyndan ulanylyşyny ýönekeýleşdirmek we aňsatlaşdyrmak bolup durýar. SCAFFOLD guraly, ähli başarnyklaryň gurluşyna mahsus bolan transwersal başarnyklaryň arasyndaky baglanyşygy görkezýär we mugallymlara okuw maksatlaryna, elýeterli çeşmelere, okuw meýdançasyna we okuwyň dowamlylygyna laýyklykda okuw netijelerini kesgitlemäge hem-de toparlara bölmäge kömek edýär. Bu gural mugallymlara başarnyklary dört gurşawda - EntreComp (Telekeçilik başarnyklary), LifeComp (Şahsy, durmuş başarnyklary), GreenComp (Durnuklylyk ösüş başarnyklary) we DigComp (Sanly başarnyklar) boýunça öwrenmäge mümkinçilik berýär.

SCAFFOLD-y synp otagyna girmezden ozal okuw işini gurmak, şeýle-de meýilnamalaşdyrmak, sapak bermek we okuw çärelerini geçirmekde mugallymlar / pedagoglar üçin goldaw guraly hökmünde ulanylyp bilner. Ol islendik ders üçin laýyk bolup, bilim ulgamynyň islendik derejesinde, şeýle hem resmi däl okuwyň islendik görnüşinde ulanylyp bilner. SCAFFOLD kartlary mugallymlara öz maksatlaryna we okuwçylarynyň zerurlyklaryna laýyk gelýän okuw işini döredijilikli düzmäge kömek edýän "kerpiçler" hökmünde hyzmat edýär.

## Gatnaşmak öz içine nämäni alýar?

Gatnaşmak dört sany ýönekeý ädimi öz içine alýar:

A. SCAFFOLD guraly bilen tanyş boluň - bu gural 102 kartoçkadan ybarat toplum bolup, meýilnamalaşdyrmakdan başlap, baha bermeklige çenli mugallymlara okuw sapaklaryny ädimleýin işläp düzmekde goldaw bermek üçin gollanma hökmünde döredilendir. Ony DARYA SCAFFOLD web sahypasyndan ýükläp alyp bilersiňiz https://daryascaffold.notion.site/SCAFFOLD-karto-kalary-815787ae62c341e6bf445d1c26938e74
B. SCAFFOLD-y ulanyp , okuwçylaryňyz üçin sapagyň meýilnamasyny işläp taýýarlaň;
C. Sapagyň meýilnamasyny okuwçylar bilen synap görüň we olaryň seslenmelerini alyň;
D. Sapak meýilnamaňyzy we okuwçylaryň seslenmelerini bäsleşigiň web sahypasyna iberiň! https://forms.gle/QwbRiHgegBykmjgx7

## Kim gatnaşyp biler?

DARYA-nyň hyzmatdaş ýurtlarynyň bäşisiniň birinde – Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda ýaşaýan hem-de işleýän islendik mugallym bäsleşige gatnaşyp biler. Arza tabşyrmaga hukugy bolanlar:

A. Özbaşdak mugallymlar ýa-da usulyýetçiler;

B. Bir guramada işleýän mugallymlaryň toparlary.

Arzalaryň sanynda çäklendirme barmy?

Mugallymlar iň köp iki arza tabşyryp bilerler: birini aýratyn we birini toparyň düzüminde.

## Arzany nädip tabşyrmaly?

Arzalaryň görnüşlerini DARYA SCAFFOLD https://daryascaffold.notion.site/T-rkmen-17d7707007ea807e8ab7f43fc151a9ec web saýtynda elýeterli. SCAFFOLD-yň ähli çeşmelerini - SCAFFOLD kartoçkalaryny, SCAFFOLD amaly gollanmasyny, webinar ýazgylaryny we ş.m. - şu ýerden tapyp bilersiňiz https://daryascaffold.notion.site/T-RKMEN-85ed66e10cdf44239c76921a106d3817

## Arza tabşyrmak näme üçin ähmiýetli?

Bu bäsleşik täzelikçi mugallymlaryň ussatlyklaryny ykrar etmäge bagyşlanýar!
Siz :

- Okadylyş boýunça täzeçil pikirleriňiz üçin ykrar edilersiňiz;
- Öz işiňiz barada bilermenleriň seslenmesini alarsyňyz;
- DARYA SCAFFOLD-yň täzelikçi mugallymlar bileleşiginiň  bir bölegi bolarsyňyz;
- Merkezi Aziýada  täzeçil bilimi ösdürmekde ýardam beriň.

## Ýeňijiler näme alarlar?

Ýeňijiler üçin: Ýeňiji bolanyň her biri:

- Görnükli üstünligi üçin halkara baýragyny we Ýewropa bilim gaznasynyň şahadatnamasyny alar;
- Ýeňijiniň işleri DARYA SCAFFOLD web saýtynda çap ediler;
- ÝBG-niň halkara metbugat  habarlarynda bäsleşik barada maglumat we ähli ýeňijileriň atlary we suratlary ýerleşdiriler;
- Sapak meýilnamaňyz ÝBG Darya neşirinde çap ediler.

Her ýuruduň jemleýji tapgyra çykan bäş sany gatnaşyjysy üçin:

- Her ýurtdan iň gowy 5 sany arza ÝBG DARYA neşirinde we DARYA SCAFFOLD web sahypasynda çap ediler;
- Jemleýji tapgyra çykandygy barada Ýewropa bilim gaznasynyň şahadatnamasy berler.

## Arza tabşyrmak üçin arzaçylar SCAFFOLD barada bilmelimi ?

Arzalar  okuwy işläp taýýarlamak we geçirmek üçin SCAFFOLD-yň ulanylmagyna esaslanýar, şonuň üçin SCAFFOLD guralyny öwrenmek we SCAFFOLD-yň amaly gollanmasy bilen tanyşmak möhümdir.

SCAFFOLD-y nädip ulanmalydygy barada doly maglumat DARYA web saýtynda elýeterlidir SCAFFOLD

https://daryascaffold.notion.site/SCAFFOLD-Mugallymlar-in-usuly-amaly-gollanma-0055628569634fbba922da8629e52ff4

## Emin agzalary kimler bolar?

Eminlik milli derejede amala aşyrylar, ýeňijiler bolsa her ýurtda kesgitlener. Eminler SCAFFOLD-yň usulyýeti bilen tanyş bolan täzelikçi mugallymlar bolar.

Arzalaryň gizlindigine (anonim) üns beriň – Eminleriň haýsydyr bir arzadaky gatnaşyjynyň adyna ýa-da şahsy maglumatlaryna elýeterliligi bolmaz.. Her arzadan  şahsy maglumatlar aýyrlar we gizlinligi (anonim) üpjün etmek üçin arzanyň   belgisi bilen kesgitlener.

## Baýraklaryň kategoriýalary

Bilermen eminler ýurt boýunça yörite  baýraklary berýär (gowşurýarlar). Ýeňijiler we baýrakçylar üçin baýraklar aşakda görkezilýär

### Bilim edaralary üçin baýrak (ýurtlar boýunça)

Bu kategoriýada mekdep ~~edaralary~~ /orta bilim üçin sapak meýilnamasyny düzmek üçin  SCAFFOLD-yň ajaýyp ulanylyşy ykrar edilýär. Ýeňijiler we barýrakçylar aşakdaky kategoriýalarda sylaglanarlar:

A. Ýekelikde arza - bir mugallymdan gelen arza ;
B. Toparlaýyn gatnaşmak arzasy– SCAFFOLD-y ulanyp, okuw meýilnamasyny döretmek üçin mugallymlaryň bilelikde nähili işleşendigini görkezýän 2-4  mugallymdan gelen arza.

### HBO (Hünär bilimi we okuwy) kategoriýasyndaky baýrak: (ýurtlar boýunça)

Bu kategoriýada hünär bilimi we okuwy boýunça bäsleşik üçin bilim edaralary tarapyndan hödürlenýän okuw meýilnamalaryny düzmekde SCAFFOLD-yň ajaýyp ulanylyşy ykrar edilýär. Ýeňijiler we baýrakçylar aşakdaky kategoriýalarda sylaglanarlar:

A. Ýekelikde arza - bir mugallymdan gelen arza ;

B. Toparlaýyn gatnaşmak arzasy – SCAFFOLD-y ulanyp, okuw meýilnamasyny döretmek üçin mugallymlaryň bilelikde nähili işleşendigini görkezýän 2-4 mugallymdan gelen arza.

### Ululara bilim bermek boýunça kategoriýada  baýrak (ýurtlar boýunça)

Bu kategoriýada ululara bilim bermek boýunça okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamakda SCAFFOLD-yň ajaýyp ulanylyşy ykrar edilýär. Ýeňijiler we baýrakçylar aşakdaky kategoriýalarda sylaglanarlar:

A. Ýekelikde arza - bir mugallymdan gelen arza ;
B. Toparlaýyn gatnaşmak arzasy – SCAFFOLD-y ulanyp, okuw meýilnamasyny döretmek üçin mugallymlaryň bilelikde nähili işleşendigini görkezýän 2-4 mugallymdan gelen arza

Üns beriň:

Baýraklar her kategoriýada diňe talabalaýyk hildäki arzalaryň ýeterlik sany bolan ýagdaýynda gowşurylar.

Bir ýa-da birnäçe ýurtda ähli kategoriýalar üçin baýrak gowşurmazlyk karary, DARYA SCAFFOLD toparynyň we / ýa-da milli eminleriň teklibi boýunça Ýewropa bilim gaznasy (ÝBG) tarapyndan kabul ediler.

## Saýlama ölçegleri

Arzalary bahalandyrmagyň ölçegleri aşakdakylardan ybaratdyr:

| Ölçegler | Düşündiriş | umumy bahadan % |
|---|---|---|
| Aýratynlygy / takyklygy | Okuw meýilnamasynda / sapak meýilnamasynda SCAFFOLD-yň jikme-jik we anyk ulanylyşy barmy? | 30% |
| Hakyky durmuşda ýerlikliligi | Okuw meýilnamasynda hakyky durmuş taraplary aýdyň görkezilenmi? | 15% |
| Täsirliligi | Okuw meýilnamasy okuwçylaryň gatnaşmagyna we okuw netijelerine oňyn täsir edýärmi? | 15% |
| Refleksiwlilik | Okuw meýilnamasy öwrenilenler boýunça refleksiw maslahaty we beýleki mugallymlar üçin maslahatlary öz içine alýarmy? | 15% |
| Çap edilmäge taýýarlygy | Okuw meýilnamasy beýleki mugallymlaryň ulanmagy üçin gutarnykly we oňaýlymy? | 25% |

## SCAFFOLD boýunça kömek almak

Arza bermek isleýän mugallymlar aşakdaky çeşmeler arkaly hemmetaraplaýyn  goldaw we maglumatlary alyp bilerler:

A. SCAFFOLD web saýty  jikme-jik  maslahatlary, iň oňat tejribeleriň mysallaryny we bäsleşik barada täzelenen maglumatlary hödürleýän esasy çeşme bolup hyzmat edýär;

B. SCAFFOLD duşuşyklary gönüden-göni goldaw bermek üçin guralar, bu bolsa gatnaşyjylara sorag bermäge, tejribe paýlaşmaga we bilermen hünärmenlerden hem-de deň-duşlaryndan maglumat almaga mümkinçilik berer;

C. Mundan beýläk ugrukdyrmak üçin SCAFFOLD-yň ýörelgelerini mugallymlaryň öz materiallaryna netijeli ornaşdyrar ýaly maslahat berilýän çeşmeleriň sanawy berler, şol sanda  makalalar, wideolar we mysaly barlaglar .

## Bäsleşigiň düzgünleri

1. DARYA taslamasyna hyzmatdaş bolan bäş sany ýurtdan islendik özbaşdak pedagog ýa-da pedagoglaryň topary gatnaşyp biler.
2. Fiziki şahslar diňe bir sany ýekelikdäki arzany tabşyryp bilerler. Şeýle hem, toparlaýyn arzanyň bir agzasy bolup bilerler.
3. Ähli arzalar okuwçylar bilen tejribede synagdan geçirilen doly okuw meýilnamasyny / sapak meýilnamasyny öz içine almaly.
4. Ähli arzalaronlaýn arzalary tabşyrmak portalynyň üsti bilen tabşyrylmalydyr.
5. Ähli arzalar arzany tabşyrýan şahs ýa-da şahslar tarapyndan ýazylmalydyr.
6. Gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin ähli arzalar doly doldurylan bolmaly – bu, arzanyň hiç bir bölümini boş goýup bolmaýandygyny aňladýar.
7. Gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin arzalar  anonim garamak işini üpjün edýän talaplara laýyk gelmelidir. Bu, ýüz tutýanyň/tutýanlarlaryň adynyň diňe birinji bölüme [ görkezilen ýerde] goşulyp biljekdigini aňladýar. Arza aşakdaky ýagdaýlarda bäsleşige gatnaşmaga ýol berilmeýär:
    A. Esasy sowalnamanyň haýsydyr bir böleginde dalaşgäriň ady ýa-da okuw jaýynyň ady agzalsa;

B. Arzanyň haýsydyr bir böleginde edarany ýa-da arza berijini kesgitläp biljek islendik gyzyklanýan/dahylly tarapyň ýa-da guramanyň ady agzalsa;

C. Arzanyň haýsydyr bir böleginde dalaşgäriň ýa-da bilim edarasynyň ýerleşýän şäheriniň / welaýatynyň ady agzalsa.

8. Baýraklar, diňe talap edilýän hildäki arzalaryň ýeterlik sany jemlenen bolsa, her milli kategoriýada berler.

## Etiki düşünjeler

Etiki taýdan ülňüleri saklamak we kanuny talaplary berjaý etmek üçin arza tabşyrmak işiniň dowamynda intellektual eýeçiligi (IP) we Maglumatlary goramak baradaky umumy düzgünnama (GDPR) göz öňünde tutular. Gatnaşýanlar, tabşyran materiallarynyň “Creative Commons” Ygtyýarnamasy esasynda çap edilmegine razylyk bermeli. Bu talap, arzany tabşyryrmak görnüşindäki baýdajygy bellemek arkaly ýerine ýetiriler, bu bolsa olaryň işleriniň erkin elýeterli boljakdygyny we “Creative Commons” ygtyýarnamasynyň çäginde ulanylyp bilinjekdigini kepillendirer.

Gatnaşyjylar GDPR düzgünlerine laýyklykda şahsy maglumatlarynyň ýygnalmagyna, gaýtadan işlenilmegine we geçirilmegine razylyk bermeli. Bu razylyk, maglumatlaryny bahalandyrmak we administratiw maksatlary üçin ulanmaga razylygy öz içine alýar. Mundan başga-da, gatnaşyjylar arzalary bilen baglanyşykly has giňişleýin maglumat ýa-da düşündiriş almak üçin özleri bilen habarlaşylmagyna razylyk bermeli. Şeýle-de, olar işleriniň emin agzalarynyň we guramaçy toparynyň garamagyna görä hasabatlarda, neşirlerde ýa-da beýleki habar beriş serişdelerinde görkezilmegine razylygy öz içine alýan mazmunynyň ýaýradylmagyna we neşir edilmegine razylyk bermeli. Bu razylyklary almak, gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we intellektual eýeçilik kanunlarynyň hem-de maglumatlary goramak ülňüleriniň berjaý edilmegini üpjün edýär.

# 1-nji goşundy  - Ýygy-ýygydan soralýan soraglar

**- SCAFFOLD näme?**

SCAFFOLD – bu okuw meýilnamalaryny / sapak meýilnamalaryny döretmäge kömek edýän ýörite gollanma. Ol  haýsy endikleri ýa-da işleriň görnüşlerini ulanmaly, mysal üçin,  meseläni çözmek, döredijilik ýa-da tehnologiýany ulanmak ýaly pikirler baradaky kartoçkalary öz içine alýar.  SCAFFOLD hakynda has giňişleýin maglumat almak üçin şu salgylanma geçip bilersiňiz: [RUS] (https://www.notion.so/ca0d7e4bf2e44d129a4113449c621937?pvs=21)

**- Arzalara kim baha berer?**

Emin agzalary SCAFFOLD-yň bilermen  hünärmenlerinden , ÝBG-yň wekillerinden we DARYA taslamasynyň beýleki dahylly taraplaryndan ybarat bolar.

**- Arzany taýýarlamak üçin nireden kömek alyp bolar?**

Her ýurtda SCAFFOLD duşuşyklary guralar - milli tälimçileriň ýolbaşçylygyndaky milli derejede maglumat we goldaw mejlisleri geçiriler. Bu mejlisler onlaýn ýa-da şahsy gatnaşyk ýagdaýynda geçirilip bilner. Her ýurtda azyndan üç sany şeýle duşuşyk geçiriler.

**- Bäsleşik barada goşmaça maglumat berilermi?**

Hawa, taslamanyň ýörite web saýty bar, ol ýerde bäsleşik, arza tabşyrmagyň düzgünleri, baha beriş ölçegleri we ýygy-ýygydan berilýän soraglar barada ähli maglumatlar ýerleşdiriler. Şeýle hem, bu platformada gatnaşyjylar üçin çeşmeler we gurallar hem-de SCAFFOLD kartoçkalary we mugallymçylyk ýörelgeleri boýunça materiallar elýeterli bolar.

**- Bäsleşik baradaky habarlary nädip bilmeli?**

Habarly bolmagyň iň gowy ýoly - Telegram DARYA SCAFFOLD kanalyna ýazylmakdyr, şeýle-de size DARYA SCAFFOLD web saýtyna yzygiderli girmegiňizi maslahat berýäris. Salgylanma: https://t.me/daryascaffold

**- Ýeke bolup işlemek hökmanymy?**

Ýok! Özbaşdak (ýekelikdäki arza) ýa-da kärdeşleriňiz (toparlaýyn arza) bilen işläp bilersiňiz. Topar bolup işlemek - pikir alyşmagyň ajaýyp usulydyr!

**- Näçe arza tabşyryp bolýar?**

Siz iki arzany berip bilersiňiz: birini - şahsy (ýekelikde) gatnaşyjy hökmünde we birini – toparlaýyn .

**- Haýsy kategoriýalar boýunça arza tabşyryp bolýar?**

SCAFFOLD bilim maksatnamasyndaky ähli başarnyklary öz içine alýar. Aşakdaky kategoriýalardan saýlap bilersiňiz:

- Bilim edaralary üçin baýrak (ýurt boýunça bir baýrak);

- HBO (Hünär bilimi we okuwy) kategoriýasyndaky baýrak (ýurt boýunça bir baýrak);

- Ululara bilim bermek  kategoriýasyndaky baýrak (ýurt boýunça bir baýrak).

**- Öz pikiriňi synagdan geçirmelimi?**

Hawa! Arzaňyzy tabşyrmazdan ozal, okuw meýilnamaňyzyň / sapak meýilnamaňyzyň netije berýändigine göz ýetirmek üçin, ony  okuwçylar bilen synap görüň. Siziň pikiriňizi başgalaryň nähili kabul edýändiklerine düşünmek möhümdir

**- Sapak meýilnamasynda näme ýazyılmaly?**

Siz şulary görkezmeli:

- Sapak meýilnamaňyzyň näme baradadygyny;

- Onuň SCAFFOLD-y nähili ulanýandygyny;

- Kim okadylar (okuwçylar, ulular we ş.m. );

- Näçe wagt gerek bolar?;

- Siz nämä ýetmek isleýärsiňiz?

Her kim düşüner ýaly sada dili ulanyň we ulanýan SCAFFOLD kartoçkalaryňyzda anyk maglumat beriň.

**- Sapak meýilnamasyny nädip ýazmalydygyny bilmesem name etmeli?**

Alada etmäň! SCAFFOLD gollanmasy sapak meýilnamasyny düzmegiň her ädimini düşündirýär. Ony tapgyrlaýyn geçiň. Meýilnamanyňyzyň düşnükli, anyk we durmuşa geçirilişiniň aňsatdygyna göz ýetiriň.

**-SCAFFOLD amaly gollanmasy näme we ony ulanmak gerekmi?**

Hawa! SCAFFOLD amaly gollanmasy bäsleşik üçin örän möhüm guraldyr. Ol sapak meýilnamaňyzy ädimme-ädim döretmäge kömek edýär. Arzaňyzydolduranyňyzda, meýilnamaňyz düzümli, düşnükli we doly bolmagy üçin gollanmadan peýdalanmaly. Arzanyň her bölegi gollanmanyň bölümlerine laýyk gelýär, şonuň üçin ony el ýüzde saklaň.

**- Pikiri synagdan geçireňden soňra näme etmeli?**

Meýilnamany synagdan geçireniňizden soň, nämäniň gowy bolandygyny we öwrenen zatlaryňyzy ýazyň. Eger-de, olar netije bermedik bolsa, bu adaty zat! Indiki gezek sapak meýilnamaňyzy nädip gowulandyrjakdygyňyzy düşündiriň.

**- Sapak meýilnamam üçin haýsy materiallar we çeşmeler gerek?**

Sapak meýilnamaňyzy durmuşa geçirmäge kömek etjek ähli materiallary we çeşmeleri goşmaly. Bular bolup biler:

- Okuw kitaplary;

- Iş kagyzlary ýa-da okuwçylara paýlanylýan materiallar;

- Sanly çeşmeler: wideo, bilim programmalary ýa-da onlaýn platformalar;

- Amaly sapaklar üçin materiallar: döredijilik ýa-da ylym üçin toplumlar.

Öwrenmek üçin peýdaly boljak hemme zatlar hakda pikir ediň.

**- Sapak meýilnamamda tehnologiýany ulanmalymy?**

Bu siziň islegiňize bagly! Tehnologiýalar öwredilişi has interaktiw we gyzykly ýagdaýa öwrüp biler. Olar interaktiw tagtalary, planşetleri, wirtual hakykaty, onlaýn wiktorinalary ýa-da okuwçylar bilen wideo aragatnaşygyny öz içine alyp biler.

**- Sapak meýilnamamyň ýeterlik derejede gowudygyny nädip bilerin?**

Meýilnamaňyzyň:

1. Aňsat düşünip bolýandygyna;
2. SCAFFOLD kartlaryny nähili ulanandygyňyzy görkezýändigine;
3. Okuw üçin hemme zerur zatlary öz içine alýandygyna;
4. Beýleki mugallymlara maslahat berýändigine;
5. Başgalar bilen paýlaşylmaga taýyndygyňa göz ýetiriň.

**- Sapak meýilnamam hakyky durmuş meselelerini çözmäge kömek edip bilermi?**

Hawa! Meýilnamaňyzy howanyň üýtgemegi, toparda işlemek ýa-da täze tehnologiýalar ýaly hakyky meseleler bilen baglanyşdyryp bolanda SCAFFOLD oňa ýokary baha berýär. Şeýlelik bilen, siziň pikiriňiz okuwçylara möhüm ähli umumy meseleler barada pikirlenmäge kömek edýär.